***Türkmenistanyň Mejlisiniň karary bilen 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi döwlet Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygynyň bellenilýän ýylyna gadam basylýandygyny alamatlandyrdy. Munuň özi ýurdumyzyň taryhynda täze sahypany açyp, milli gymmatlyklarymyza goýulýan hormaty, ata Watanymyzy mundan beýläk-de ösdürmegiň strategik ugurlaryny özünde jemleýär.***

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy boýunça her ýyla at bermek ýaly ajaýyp däbe görä, onuň şygarynda ösüşiň täze tapgyrynyň esasy ugurlarynyň yglan edilmegi raýatlaryň watançylyk ruhuny belende götermäge, olaryň ýurdumyzda alnyp barylýan ägirt uly işlere şahsy goşant goşmaga höwesini artdyrmaga ýardam edýär. 2026-njy ýylyň şygarynda diňe bir halkymyzyň öz taryhy köklerine ygrarlylygy däl-de, eýsem, häzirki döwrüň obýektiw hakykaty hem öz beýanyny tapýar.

Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy bellenilen ýyl hökmünde Watanymyzyň ýyl ýazgysynda hemişelik orun alan 2025-nji ýyl halkymyz we ýurdumyz üçin möhüm wakalara, zähmet ýeňişlerine hem-de uly üstünliklere beslendi. Döwlet Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk ýubileýiniň dabaralandyrylýan ýylynda-da milli ykdysadyýetimizi mundan beýläk-de pugtalandyrmak, ylym, bilim, saglygy goraýyş we beýleki pudaklary ösdürmek boýunça giň gerimli meýilnamalar kesgitlenildi. Munuň özi halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

Jemläp aýdanyňda, 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly şygary ýurdumyzyň halkara abraýyny artdyrmaga gönükdirilen toplumlaýyn ösüş maksatnamasyny özünde jemleýär. Ol milli ýörelgelere ygrarlylygy, şol bir wagtyň özünde ählumumy ösüşe we tehnologik täzeliklere açyklygy alamatlandyrýar.

**Gadam BAÝRAMOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 10.01.2026